


# ÝÜZ TYLLA

*Erteki*



Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2009

UOK 894.361
Ý 97

Ý 97 **Ýüz tylla.** A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.

TDKP 201, 2009 KBK 84 Türl

© Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2009.



Gadym zamanda bir Saraý atly eýerçi bolan. Onuň Mämmet diýen ýekeje ogly bar eken.

Günlerde bir gün eýerçi öz ogluna:

– Eý, oglum, men indi garrapdyryn. Ugurly zähmet çekip bilemok. Bizde şeýle tükenmez mal-döwlet ýok. Bütin ömrüme zähmet çekip, üç ýüz tylla goýdum. Men seniň hem geljekde bagtly bolmagyň aladasyny etmeli, çaga ese-boýa galýança, ony saklamak we terbiýelemek

ene-atanyň borjy. Sen haýsy senedi ýagşy görýärsiň? Söwdagär boljakmy, sazanda bolasyň gelýärmi ýa-da molla boljakmy? – diýen.

Onda Mämmet:

– Menden molla bolmaz, çaga okadyp oturmaga kanagatym ýetmez. Menden sazanda hem çykmaz, barmaklarym uly. Men bagşam bolup bilmerin, sesim ýogyn. Maňa il gez diý, ýurt gör diý, söwda et-de, aýlan-da ýör diý – diýen.

Şundan soň kakasy Mämmet bilen razylaşyp:

– Me, oglum, saňa ýüz tylla, sen başga ýurtlara git-de, gara burç getir. Satarsyň, sowarsyň, bize-de çaý puly galar – diýen.

Mämmet kakasyndan ýüz tyllany alýar-da, söwdagär







kerwenlere goşulyp gidiberýär. Bular az ýöräp, köp ýöräp, birnäçe menzil ýol geçip, ahyry bir uly şähere baryp ýetipdirler. Bular bir saraýda düşüp, dem-dynçlaryny alýarlar. Ertesi her kim öz işi bilen boluberen. Kimsi zat alýar, kimsi zat satýar. Mämmet hem aýlanyp ýörkä, gara burç satýan bir dükana barýar. Ol dükançа «Ýüz tyllalyk gara burç çekip ber» diýýär. Dükançy çekmäge başlaýar.

Onýançа Mämmediň ýanyndan adamlar topar-topar bolup bir ýana howlukmaç geçip barýarlar. Mämmet hem bularyň yzyna düşüberýär. Bu adamlar bara-bara bir baga girýärler, Mämmedem bularyň yzy bilen girýär. Ynha, görse, oňat







geýnüwli iki adam dutar çalyp, aýdym aýdyp, şeýle bir saz edýär, hiç ýanyndan aýrylasyň gelmeýär. Bularyň saz-söhbedi Mämmediň göwnüne ýarap: «Wah, menem bagşy bolsam bolmaýarmy!» diýip, içini gepledipdir.

Mämmet bagşylaryň ýanyna baryp:

– Bagşy dostlar, maňa ýedi günde dutar çalmagy öwredeniňize näçe alarsyňyz? – diýenini özi hem duýman galypdyr.

Bagşylaryň biri:

– Dutar çalmagy ýedi günde öwretmeli bolsa, ýüz tylladan az almarys – diýen. Mämmet bagşylara özüniň ýüz tyllasyny berýär. Bagşylar Mämmedi öz öýlerine äkidip, ýedi günde dutar çalmagy öwredýärler, soň Mämmet bagşylar bilen hoşlaşyp, öz ýoldaşlarynyň ýanyna gelýär. Görse olar hem eýýäm aljak zatlaryny alyp, taýýar bolup duran ekenler. Bular ýola düşýärler, az ýöräp, köp ýöräp, öz öýlerine gelýärler.

Mämmediň kakasy ogluny görüp begenýär.

– Ýeri, oglum, burç getirdiňmi? – diýip soraýar.

Mämmet kakasyndan hiç zady ýaşyrman, ýüz tylla dutar çalmagy öwrenendigini aýdýar.

Mämmediň kakasy muňa ýene ýüz tylla berip:

– Aý, oglum, zyýany ýok. «Bir hünärli baý bolmaz, baý bolmasa-da, hor bolmaz» diýipdirler. Saňa, ynha, ýene ýüz tylla bereýin, sen burç alyp gelersiň – diýen.



Mämmet şol şähere bakan ýene ýola düşen. Ol az ýöräp, köp ýöräp, ahyry şol dutar öwrenen şäherine baran.

Mämmet ol güni dem-dynç alyp, ertesi şol gara burç satýan dükançynyňka barypdyr.

Dükançy:

– Söwdagär dost, sen nirä gitdiň? Men saňa gara burç çekip, köp garaşdym. Sen bolsa garaňy salmadyň – diýen.

Mämmet:

– Men diňe gara burç almaly däl, başga-da söwda etmeli ahyry – diýip, dükança syr bildirmändir.

Dükançy ýene-de gara burç çekmäge başlaýar. Mämmediň bolsa gözi daşynda, ynha, birden görse, elleri kitap-depderli oglanlar bir-birleriniň yzyndan ylgaşyp, howlukmaç bir ýere barýarlar. Mämmet hem gara burç almagy ýadyndan çykarýar-da, olaryň yzy bilen gidiberýär. Bu oglanlar şol baryşlaryna bir howla girýärler. Mämmet hem bularyň yzy bilen giren. Ynha, görse oglanlar aksakgal mollanyň daşyna tegelenip üýşüp, bir zatlar okaýarlar. Mämmet mollanyň golaýyna baryp soran:

– Siz näme işleýärsiňiz?

Molla:

– Ynha, men çagalara hat-sowat öwredýärin. Olar geljekde sowatly, akylly adamlar bolup ýetişerler – diýýär.





Hatly-sowatly bolmak Mämmediň göwnüne makul bolup:

– Maňa ýedi günde hat-sowat öwretmek üçin näçe tylla alarsyňyz? – diýip sorapdyr.

Molla:

– Ýedi günde hat-sowady öwretmeli bolsa, ýüz tylladan az almaryn – diýen.

Mämmet ýedi günde hatly-sowatly bolup, obalaryna





baka gidiberen. Mämmediň kakasy oňa göwne deger ýaly hiç zat aýtman:

– Bolýar, oglum, ynha, iň soňky ýüz tyllamyzy hem al – diýip, ony ýene-de şol şähere gara burç getirmäge iberýär. Mämmet ýene-de hälki iki ýüz tylla harçlan şäherine gelip, bu gün dem-dynjyny alýar, ertesi şol gara burç satylýan dükana barýar. Dükan gulply eken. Mämmet dükanyň ýapykdygyny görýär. Birden onuň gulagyna: «Aty ur, pili sür, pyýadany göç» diýen sesler eşidilýär. Mämmet: «Alla janlarym, bu nämäniň söwdasyka?» diýip görse, bir topar adam başynagaý bolup, küşt oýnaýan eken.

Mämmet birsalym seredip durupdyr weli, bir ýaş ýigit gaty ökdelik bilen şowhunly küşt oýnaýar eken. Mämmet ol ýigidiň ýanyna baryp:

– Dost, şu oýny maňa ýedi günde öwretmek üçin näçe tylla alarsyň? – diýen.

Oýunçy ýigit:

– Ýedi günde öwretmeli bolsa, öwredenim üçin ýüz tylladan az almaryn – diýipdir.

Mämmet:

– Bolýar, ine, al ýüz tyllaňy – diýýär.

Mämmet ýedi günde küşt oýnuny öwrenip, puly nämä sowandygyny we özüniň hem şu şähere gelmegini sorap, kakasyna hat ýazypdyr. Kakasy Mämmediň hatyny alyp, oglunyň ýanyna gelipdir.

Mämmet:

– Kaka, sen meni bazara elt-de, söwdagärlere kerwençi edip sat, men mazaly gurplanýançam, satyp alan puluň bilen eklenersiň – diýen.

Kakasy:

– Ýok, oglum, men seni gul bazarynda satyp bilmerin, onuň ýaly iş bolmaz – diýen.

Garaz, Mämmet: «Meni äkit-de, sat» diýip duransoň, kakasy nalaç bolup, ogluny gul bazaryna eltipdir. Edil şol wagtlar söwdagärleriň daş ýurtlara ugraýan wagty eken. Derrew Ýomutbeg diýen bir söwdagär Mämmedi bir tylla satyn alyp gidipdir we bu söwdagär uzak ýurda kerwen bilen ugrapdyr. Bular az ýöräp, köp ýöräp, çöl meýdanda çuň bir guýynyň başyna baryp ýetipdirler.

Ýomutbeg derrew Mämmedi guýa sallap, bir küýze suw almagy tabsyrypdyr. Mämmet guýynyň düýbüne düşüp görse, bir topar gyzyl, kümüş, gymmatbaha daşlar bar eken.

Mämmet: «Bu guýynyň içinde her hili gymmatbaha zatlar bar» diýip, ýokardakylara gygyrypdyr. Olar derrew iki-üç sany halta taşlap, bu zatlary ýokaryk çekip alypdyrlar. Ýomutbeg bu zatlary görüp: «Mämmede hem paý bermeli bolaýmaýyn, iň gowusy, muny guýudan çykarmaýyn, goý, ölsün gitsin» diýip, guýuda taşlap, ýüklerini düýelerine urup gidiberipdir.

Mämmet näme etjegini bilmän, guýynyň içinde eýlesine-beýlesine ýaltaklap durka, ynha, gapy barmyşyn, ony açyp girse, bir döw uklap ýatan eken. Onuň başujunda-da bir dutar asylgy duran. Mämmet bu dutary alyp, saz çalmaga



başlan. Döw ýerinden zöwwe galyp:

– Ýeri, adamzat, sen bu ýere nädip düşdüň? – diýen.

Mämmet:

– Ine, şeýle-şeýle bolup düşdüm we meni Ýomutbeg guýudan çykarman gitdi – diýen.

Döw:

– Sen dutary gaty şirin çalýar ekeniň, ýogsam, seni iýerdim. Meniň oglum hem dutary edil seniň ýaly şirin çalýardy – diýip aglapdyr.

Mämmet:

– Sen näme aglaýarsyň? – diýen.

Döw:

– Seniň dutar çalşyňy eşidip, oglum ýadyma düşdi. Bir gün saz-söhbet edip otyrkak, onuň çüýşedäki janyny hem, atanlykda, birden basyp owradaýypdyryn – diýipdir.

– Indi şu saz çalşyň üçin saňa näme hyzmat etmeli? Eger sen isleseň, men şol kerwenleri şu ýere getirip, müň janyndan bir janyny goýman alaýyn.

Mämmet:

– Ýok, beýle etmek gerek däl, sen meni şol kerweniň ýanyna eltäý – diýen.

Döw Mämmedi göz açyp-ýumasy salymda kerwenleriň ýanyna eltipdir.

Mämmet Ýomutbege ýüzlenip:

– Meniň günämi geç, hormatly söwdagär, men guýuda uklap galaýypdyryn – diýip, «Daş bilen urany aş bilen ur» diýenlerini edipdir.

Döw Mämmede ýüzlenip:

– Isleseň, men bularyň baryny kül-peýekun edip, hemme zatlaryny saňa alyp bereýin – diýen.

Mämmet:

– Ýok, beýtme, gerek däl. Bu adamkärçiliksizlik bolar. Onsoňam bu meni satyn aldy, entek bahamy ödäýin – diýip, döwe yzyna gaýtmaga rugsat beripdir. Ýomutbeg Mämmet şol gyzyllardan öz paýyny dilär öýdüp: «Gel, men munuň eline hat ýazyp, öz ogullarymyň ýanyna ibereýin, onsoň olar muny öldürerler, şeýdip, mundan dynaryn» diýipdir-de, Mämmede:

– Sen meniň atymy münüp yzyňa gaýt, bu haty uly





Mämmediň çaýy gaýnaýar. Ol çaý içip, çörek iýip, ýene ýola düşen. Ol birnäçe menzil ýol ýöräp, şähere gelipdir, söwdagärleriň ogullary muňa gaty begenipdirler. Olar myhmany oňat garşylapdyrlar. Mämmet bu gije hezil edip dynç alýar. Ol ertir turup, söwdagäriň uly oglundan:

– Şäheriňizde näme gyzykly zat bar? – diýip soran.

Ol:

– Hiç zat ýok – diýip jogap beren.

– Siziň ýurduňyzy kim dolandyrýar? – diýip, Mämmet soran.

Söwdagäriň ogly:









– Patyşa gyz dolandyrýar. Ol ýaňy-ýakynda: «Meni küştde kim utsa, soňa durmuşa çykjak» diýip, bütin halkyň arasynda jar çekdirdi – diýipdir.

Mämmet:

– Onuň kösgüne nädip baryp bolar? – diýip soran.

Söwdagäriň ogly:

– Ýok, dost, sen oňa gitjek bolup hyýalam etme, ony utmak kyn, eýýäm birnäçe adam janyny gurban etdi,



çünki kim utulsa, ol gyz ony öldürdýär, küştde ol gyzy utup bilen ýok – diýen.

Mämmet söwdagäriň oglunyň aýdanyna gulak salman, çaýyny içip, patyşa gyzyň köşgüne ugraýar.

Mämmet köşge girjek bolsa, ýasawul:

– Ýeri, ýigit, nirä barýarsyň? – diýip soran.

Mämmet:

– Seniň patyşaňa öýlenmäge barýaryn – diýen.

Ýasawul bu ýigidiň aýdanyny patyşa bolşy ýaly aýdýar we dolanyp gelip:

– Sen küsdi gowy bilýärmiň diýip patyşamyz soraýar – diýen.

– Gaty gowy bilýär diý.

– Seniň mugallymyň kim?

– Öwredeni üçin menden ýüz tylla alan küştçi ussa.

– Biziň patyşamyz dört döw oýnaýar. Şunuň üç döwüni utmaly, bir döw utdurmaly, şonda utduň hasap edilýär.

– Men şoňa razy.

– Sen eger utulaýsaň, patyşanyň seni nätjegini bilýärmiň?

– Bilýärin.



– Seň janyňa haýpyň gelmeýärmi?

– Gelýär, ýöne men ony hökman utup, siziň patyşaňyza öýlenerin – diýip, Mämmet jogap beren.

Ýasawul Mämmedi patyşanyň ýanyna alyp baran weli, gyz bu oglany görüp:

– Seniň kelläňi jellatlaryň kesjekdigine meniň haýpym gelýär, sen, oglan, bu niýetiňden el çek – diýip, oglanyň küşdi nähili oýnaýanlygyndan habarsyz, oňa abaý-syýasat edip, howuny basjak bolan.

Mämmet:

– Men bu ýere ýeňilmäge gelemok – diýip, pert jogap berýär.

Patyşa gyz küşt getirmegi buýurýar we bular küşt oýnap başlaýarlar. Bu ikisiniň oýnuna wezir-wekiller hem gözegçilik edýärler. Şeýdip birinji döwde Mämmet gyz patyşadan utulýar. Patyşa gyz Mämmede:

– Seniň üçin häzir hem bir pille, niýetiňden el çek, sen utularsyň, saňa haýpym gelýär – diýen.

Mämmet:

– Sen meni eýle-beýle gürrüňler bilen gorkuzma, men birinji gezek seni hormatlap





– Sen entek meni utaňok, ýene-de bir gezek oýnaly, utulsaň, men seni öldürmän öýüňe goýbererin, utsaň, onda şu gije toý edip, men saňa baraýyn – diýen.

Mämmet gyz patysany bu gezek hem utýar, patyşa gyz mal soýduryp, dürli nahar bişirdip, nika gyýdyrýar. Halka uly toý berýär, Mämmede durmuşa çykýar. Ertesi Mämmedi gyzyldan tagta mündürip, öz ýerine patyşa edenmiş. Ine, seýdip Mämmet patyşa bolan.

Mämmet hälki Ýomutbeg diýen söwdagäri ýoldaşlary bilen köşge getirmegi ýasawullaryna buýurýar. Ýasawullar ol söwdagärleriň hemmesini Mämmediň ýanyna



alyp gelýärler. Mämmet bulardan şol özüniň guýudan tapan gymmatbaha daşlarynyň hemmesini aldyryp, garyp-gasarlara paýladýar, bir tyllany bolsa Ýomutbege berip:

– Ynha, şu tylla meniň şol baham üçin kakama beren puluň. Indem maňa eden hyýanatyň ýaly iş etseň, seniň başyň ölümlidir – diýip ony köşkden kowup goýberipdir.

Mämmet kakasyny hem öz ýanyna getirdip, maksat--myradyna ýetýär.





# YÜZ TYLLA

*Erteki*


| | |
|---|---|
| Redaktor | *B. Orazdurdyýewa* |
| Suratçy | *D. Akyýew* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktory | *O. Nurýagdyýewa* |

Ýygnamaga berildi 22.09.2009. Çap etmäge rugsat edildi 24.09.2009. A-48005.
Möçberi 60x84 $^1/_8$. Ofset kagyzy. Mekdep garniturasy. Ofset çap ediliş usuly.
Şertli çap listi 3,72. Şertli reňkli ottiski 15,35. Hasap-neşir listi 3,44.
Çap listi 4,0. Sargyt 2233. Sany 10000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

